# Gebbelsiñ ramkasy

Category: Kitapcy,Psihologiýa,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gebbelsiñ ramkasy GEBBELSIÑ RAMKASY



1945-nji ýylda Gitleriň hökümetindäki nasizmiň Propoganda ministri Jozef Gebbels öz janyna kast etdi. Taryh muňa meňzeş «beýnileri ýuwujy» başga adamy hiç wagt görmändi. Gitler nemis halkyny tabyn etmekde Gebbelse bergilidir. Gebbels tejribeli ministr, gepe çeper, Gitleriň beýgelmeginiň esasçylaryndan hem-de nasizmiň sütünlerindendi.
Gebbels «ramka salmak» teoriýasyny oýlap tapdy. Bu şeýle bir teoriýa, munda halk saýlaýaryn, özüm isleýärin diýip oýlaýar. Aslynda bolsa saýlamaýar, belkide hökümediň islän zadyny saýlaýar. «Ramka salmak» teoriýasyny düşündirmek üçin ussat syýasatçylar aşakdaky mysaly getirýärler:
Bir dostyňka myhmançylyga bardyň. Ol senden: «Çaý içjekmi ýa-da kofe?» diýip sorady. Ol munuň bilen seniň aňyňdan başga zatlary çykaryp, seni diňe şu iki zat hakynda pikirlenmäge

mejbur edýär. Şu ikisinden birini saýlamaga seni mejburlaýar. Munuň bilen ol seniň pikiriňi ramka salýar.
Ýene bir mysal: Bir ene çagasyndan soraýar: «Oglum! Bu gün sagat ýedide uklajakmy ýa dokguzda?» Elbetde, çaga dokguzy saýlaýar. Çaga enesi bilen bolan söhbetde ýeňiş gazandym diýip oýlaýar. Aslynda bolsa enesi onyň dokguzda ýatmagyny isleýärdi we isleýşi ýaly boldy.
Bu gün «ramka salmak» teoriýasyny uly döwletler ulanýar. ABŞ-daky 11-nji sentýabr wakalaryndan soň prezident Jorj Buş ýüzlenme bilen çykdy: «Bu gün ýa biziň bilen bolarsyňyz ýa-da terror bilen!» Şoňa çenli terroryň açyk aňlatmasy ýokdy. «Ramka salmak» teoriýasy sebäpli Amerika haýsy döwlete garşy göreşse, şol döwlet terror döwleti diýip düşünilýän boldy. Bütin dünýä şunuň bilen razylaşmaga mejbur. Hatda bitarap bolmagam mümkin däl. Olaryň ygtygatynda Amerika bilen bile bolmasaň, diýmek, sen oňa garşy.

- **Gebbelsiň meşhur jümlelerinden bölekler:**

1. Maňa wyždansyz habarlar agentligni ber, men saňa eşek ýaly halky bereýin.
2. Başgalaryň seni makullamagy üçin ýalan sözle.
3. «Medeniýetli», «intelligent» diýen sözleri eşitsem, elim sapançama uzaberýär.
4. Propoganda teoriýasy esasan punktlary az bolup, köpräk gaýtalamaga daýanmagy hökmandyr.

Taýýarlan Saparmyrat DÖWLETOW. Psihologiýa